**3.Пароль** ýazgynyň öňüne basyp bellik etmeli **Изменить** basmaly.

4.Paroly girizmeli, soňra ol paroly tassyk etmek üçin **ikilenç** girizmeli.

**Bellik**

- **Свойства: Экран** gepleşik äpişgä girmek üçin Пуск basyp **Настройка** we **Панель управления** baryp iki sapar **Экран** basyp **Заставка** girip bolar.

Mazmuna geçmek

## 37.Kompýuteriň garaşýan we dynç alýan iş düzgünlerinde, onuň parol bilen goralyşy

**Свойства: Управление электропитанием** gepleşik äpişgesini açmaly.




17.**Дополнительно** ýazga geçmeli **Запрашивать пароль при выходе из спящего режима** ýazga bellik etmeli

**Bellik**

- **Свойства: Управление электропитанием** äpişgäni Пуск basyp **Настройка** we **Панель управления** buýruklara baryp **Управление электропитанием** ýazgyny iki sapar basmaly.

Windowsda paroly garaşylýan(bu ýagdaýda tok az sarp edilýär, birbada işläp başlap bolýar) we öçürilen ýagdaýdaky ýaly(onda ähli işleýän maksatnamalar ýapylan bolýar, işi başlamak olary täzeden işe girizmek bilen başlanmaly) mümkinçiliklerde ulanylýar.

Mazmuna geçmek

## 38.Iş stolynyň düşegini üýtgetmek

1. Ýokardaky **Свойства: Экран** äpişgäni açmaly.

2. **Рисунок** sanawdan gerek düşegiňi saýlap almaly ýa-da **Узор** ýazgyny basyp gerekli düşegiňi saýlamaly ýa-da üýtgetmeli.

3. Üýtgeşikligi görmek üçin **Применить** basmaly äpişgäni ýapmaly ýa-da **OK** basmaly.

**Bellik**

- **Свойства: Экран** äpişgäni basmak üçin 

bassaňam bolar, soňra **Настройка** we **Панель управления** geçip **Экран** iki sapar basmaly.

- Ekranyň **düşegini** döretmek üçin **grafiki formatdaky** faýllar ulanylýar, olar (.**bmp**), GIF (.**gif**) we JPEG (.**jpeg**) şeýle giňeldilenlerdirler.

- Kiçijik düşek suraty bilen tutuş ekrany doldyrmak üçin **Рядом** parametri saýlap almaly. Düşegi ekranyň ortasynda ýerleşdirjek bolsaň **По центру** parametr bilen amal etmeli.

- Birbada ekran üçin surat hem owadan zolak saýlanyp bilner. Eger **Рядом** parametr saýlanan bolsa zolak görünmez.

- Iş stolynyň düşegi hökmünde Paint bilen öz çeken suratyňy ýa-da skanerde girizilen suratyňy goýsaňam bolar.

Mazmuna geçmek

## 39.Iş stolynyň elementlerini üýtgetmek

1. Iş stolynyň **elementlerini** üýtgetmek **Свойства: Экран** äpişgäniň **Оформление** ýazgysyna geçmeli şonda şu äpişge çykar:



2.Ekrandaky haýsy elementi üýtgetjek bolsaňyz **Элемент** sanawdan ony saýlap almaly **Размер** we **Цвет** meýdanlarda gerek üýtgeşmeleriňi girizip olara degişli şriftleri üýtgetmek gerek bolsa olary hem üýtgetmeli.

3. Eger birbada ekranyň ähli elementlerini üýtgetmek gerek bolsa, onda **Схема** sanawdan saýlap alyp amal etmeli.

**Bellik**

- **Свойства: Экран** äpişgede **Оформление** geçmek üçin **Пуск** basyp **Настройка** we **Панель управления** geçip **Экран** belligi iki sapar basyp çykan äpişgeden **Оформление** ýazgyny saýlap alyp bolar.
- Eger **Элемент** meýdanyndan **Заголовок активного окна** ýa-da **Заголовок неактивного окна** ýazgy saýlansa, onda onuň düşegini üýtgetmek **gradiýent** doldurmak bilen täze çykan äpişgede amal edilýär. Gradiýent doldyrmaklyk **256 reňk** bar kompýuterlerde mümkindir.
- Ekranyň käbir elementleri üýtgedilenden soňra, olary ýatda saklamak üçin **Сохранить как** ýazgyny basmaly we shema adyny girizmeli, görkezilen at **Схема**-da çykar.

Mazmuna geçmek

## 40.Ekranyň mümkinçiliklerini üýtgetmek

1. Ekranyň mümkinçiliklerini üýtgetmek üçin **Свойства: Экран** äpişgä girmeli **Настройка** ýazgyny açmaly, ony açsaň şol äpişge şeýle bolar:

- 


2. **Область экрана** toparda gerek nokatlaryňy görkezilen dili süýräp goýmaly.

**Bellik**

- **Свойства: Экран** äpişgä 

 baryp **Настройка** we **Панель управления** baryp **Экран** iki sapar basmak bilen **Настройка** geçip bolar. Mümkinçilikler peýdalanylýan **monitora** we **wideoadaptere** baglydyr.

Mazmuna geçmek

## 41.Ekrandaky şriftleriň möçberini üýtgetmek

1. Ýokarky **Свойства: Экран** äpişgäniň **Настройка** ýazgysyna geçmeli.
2. Monitoryň häsiýetleri berilýän äpişgäni açmak üçin **Дополнительно** ýazgyny basmaly, şonda şu äpişge çykar:




3.Şu **Общие** äpişgedäki **Размер шрифта** sanawdan ekranda görünjek şriftiň möçberini saýlamaly.

Standarta gabat gelmeýän şriftiň möçberini bermek üçin şol ýerdäki sag peýkamjygy basyp **Другой** saýlamaly.

Bellik

- **Свойства: Экран** äpişgedäki **Настройка** äpişgä 

-danam baryp bolar, ondan soň **Настройка** we **Панель управления** geçmeli, ondan soň **Экран** iki sapar basyp **Настройка** -ny saýlap almaly.
- Eger **Размер шрифта** sanaw meýdany elýeter bolmasa **Область экрана** topardan 480 nokada 640 artýan mümkinçilikleri bermeli, galan ýagdaýlary berip bolmazlygy mümkindir.

Mazmuna geçmek

## 42.Monitora tuty goýmak

Ekrana **tuty goýmak** işi kompýuter toga birikdirilip işlenmeýän ýagdaý üçin ýa-da dynç alynýan wagt ücin zerurdyr, tutyly ýagdaýda bolan kompýuteriň **ekranyny** klawiaturadaki islendik düwmäni basyp işi dowam etdirip bolar.

1. Monitora tuty goýmak üçin **Свойства: Экран** äpişgäniň **Заставка** äpişgesine geçmeli
2. **Заставка** äpişgejikden tutynyň adyny saýlap almaly.
3. Tutyny goýmagy üçin **Настройка** basmaly.

**Bellik**

- **Свойства: Экран** äpişgedäki **Заставка** äpişgä 

-danam baryp bolar, ondan soň **Настройка** we **Панель управления** geçmeli, ondan soň **Экран** iki sapar basyp **Заставка** -ny saýlap almaly.
- Monitorda tutynyň işe girişmegi **Интервал** meýdançada **görkezilen** wagt geçenden soň awtomatiki amala aşyrylýar. Monitoryň tutysyny aýyrmak üçin klawiaturada islendik düwmäni basmak ýeterlikdir.

Mazmuna geçmek

## 43.Kursoryň öçüp-ýanmasyny üýtgetmek

1. Kursoryň öçüp-ýanmasyny üýtgetmek üçin **Свойства: Клавиатура** äpişgä girmeli, onuň görnüşi şeýledir:




2. **Скорость** ýazylan ýerde **Скорость мерцания курсора** -diýen dili gerek ýeriňe eltmeli.

**Bellik**

- **Свойства: Клавиатура** äpişgä 

-yň üsti bilen **Настройка** we **Панель управления** baryp çykan äpişgeden **Клавиатура** ýazgyny açyp baryp bolar.

Mazmuna geçmek

## 44.Papkada obýektleriň şekillendirilişini üýtgetmegiň usullary

- **Мой компьютер** äpişgeden ýa-da WINDOWS **проводник**-den **Вид** menýuda **Крупные значки**, **Мелкие значки**, **Список** ýa-da **Таблица** saýlamaly.

**Bellik**

- **Вид**-de **Упорядочить значки** şekillendirişi saýlap alyşyňa görä obýektleri ady, möçberi, döredilen senesi ýa-da görnüşi boýunça tertipleşdirip bolar.
- Apişgedäki kursoryň baran ýeriniň ýagdaýyny görkezýän setir iň aşakda ýerleşen, ol ýok bolsa **Вид** menýudan **Строка состояния** buýrugy saýlap almaly, şonda ol setir ekrana geler.

Mazmuna geçmek

## 45.Ähli faýllaryň we faýllaryň giňeldilen atlarynyň şekillendirilişi

1. **Мой компьютер** äpişgeden ýa-da WINDOWS проводник-den seredilmegi talap edilýän papkany saýlamaly.
2. **Вид** -den **Свойства папки** buýrugy saýlamaly.
3. **Свойства папки** -dan **Вид** geçmeli, ondan **Показать все файлы** parametre geçmeli.

   Eger ähli faýllaryň giňeldilen atlaryny görkezmek gerek bolsa şu **Не показывать расширения для зарегистрированных типов файлов** ýazgydan belgijigi aýyrmaly.

Mazmuna geçmek

## 46.Faýllaryň ýa-da papkalaryň häsiýetlerini üýtgetmek

1. **Мой компьютер** äpişgeden ýa-da WINDOWS **проводник**-den häsiýeti üýtgediljek faýly ýa-da papkany saýlamaly.
2. **Файл** menýudan **Свойства** buýrugy saýlamaly.




3. Şu **Свойства** äpişgede zerur bellikleri amal etmeli.

**Bellik**

- Papkanyň ýa-da faýlyň üstüne peýkamy eltip syçanyň sag gulagyny bassaňam çykan sanawdan **Свойства** äpişgä baryp bolar.

Mazmuna geçmek

## 47.Kompýuterde bar bolan faýllary ýa-da papkalar açmak

1. **Мой компьютер** iki sapar basyp açmaly.
2. Haýsy **diskde** faýl ýa-da papka duran bolsa şol **diski** açmaly.
3. Haýsy faýly ýa-da papkany açmak gerek bolsa onuň belgijiginiň

   " üstüne peýkamy eltip iki sapar basmaly.

**Bellik**

- **Вид** menýudaky buýruklar faýllaryň şekillendiriş usulyny üýtgedýär.
- Eger gözleýän faýlyň başga kompýuterde, kompýuteriň kompýuterler tora birleşdirilen bolsa **Мой компьютер** ornuna **Сетевое окружение** belgijigi açyp gözlemeli.

Mazmuna geçmek

## 48.Ýakynda ulanylan faýllary açmak

1. 

basyp, çykan sanawdan **Документы** ýazgyny basmaly, sagdan sanaw çykar.

2. Sanawdan gerek resminamaňy. faýlyňy açmaly, ýok bolsa şol ýerdäki **Мои документы** ýazgyny basyp ony tapmaly.

**Bellik**

- Käbir maksatnamalar açylan faýllary **Документы** menýuda ýerleşdirmezlikleri hem mümkindir. Eger gerek faýlyň sanawda ýok bolsa  basyp **Найти** geçmeli ondan soňra **Файлы и папки** geçmeli, çykan **Найти** äpişgeden ony tapmak üçin buýruk bermeli.

Mazmuna geçmek

## 49."Документы" menýuy arassalamak

1.  basmaly çykan sanawdan **Настройка** buýruga geçmeli, ondan soňra **Панель задач we "Пуск"** menýuwa geçmeli.
2. **Настройка меню** äpişgäni açmaly.
3. **Меню "Документы"** topardan **Очистить** belgini basmaly.

**Bellik**

**Свойства: Панель задач** äpişgäni açmak üçin iş stolynyň islendik boş ýerine peýkamy eltip syçanyň sag gulagyny basyp çykan sanawdan **Свойства** buýrugy basaýmaly.

Mazmuna geçmek

## 50.Işlenilýän maksatnamany menýua goşmak

1.  basmaly **Настройка** buýruga geçmeli çykan sanawdan **Панель задач и меню "Пуск"** äpişgä geçmeli, onuň görnüşi şeýledir:




2. **Настройка меню** ýazgyny basmaly.




**3.Добавить** ýazgyny basmaly, ondan soňra **Обзор** düwmäni basmaly.

4.Gerek maksatnamaňy görkezmeli hem-de **Открыть** basmaly.

**5.Далее** ýazgyny basmaly, menýuyň düzüminden gerek papkaňy açmaly.

6.Menýua goşuljak täze buýrugy ady ýazylýan ýere girizmeli hem-de **Готово** ýazgyny basmaly.

7.Eger maksatnama belgijik saýlamak gerek bolsa, ony saýlamaly **Готово** ýazgyny basmaly.

**Bellik**

- **Свойства: Панель задач** äpişgäni açmak üçin **iş stolynyň** islendik boş ýerine peýkamy eltip syçanyň sag gulagyny basyp çykan sanawdan **Свойства** buýrugy basaýmaly.
-   menýuwa **maksatnamaňy** goşjak bolsaň, onuň belgisini   -yň üstüne peýkam bilen süýräp eltäýmeli.

WINDOWS **проводник**-iň äpişgesiny maksatnamaňy goşjak bolsaň **Дополнительно** düwmäni açmaly.

Mazmuna geçmek

## 51."Программы" menýuyň düzümini üýtgetmek

1. **Пуск** peýkamy eltip şyçanyň sag gulagyny basmaly, çykan sanawdan **Открыть** saýlamaly.
2. **WINDOWS проводник**-den **Программы** ýazgyny tapyp, oňa bellik etmeli.

   Sagky äpişgede **Программы** menýua girýän maksatnamalaryň we papkalaryň sanawy çykar.
3. Islendik maksatnamany ýa-da papkany bu ýere goşyp ýa-da aýryp, başga ýere geçirip, bir papkany başga papkanyň içine salyp bilersiňiz. Ähli üýtgeşmeler **Программы** menýuda bolar.

## 52.Meseleler paneliniň (Пуск durýan ýeriniň setirini) ýerini üýtgetmek

- **Пуск** durýan ýerini peýkam bilen başga ýere süýräp geçirmeli.

Mazmuna geçmek

## 53.Meseleler panelini ýa-da Baş menýuwy düzmek

1. Пуск basmaly, çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, ondan **Панель задач и меню "Пуск"** äpişgä geçmeli.
2. **Параметры панели задач** ýazylan bölekdäki kiçijik äpişgelerde bellikler etmeli, soňra **Настройка меню** geçip degişli bellik edip **OK** basmaly.

**Bellik:**

**Свойства: Панель задач** äpişgäni açmak üçin ekranyň iň aşaky setirindäki meseleler paneliniň(Пуск-durýan setiriniň) islendik

boş ýerine peýkamy eltip syçanyň sag gulagyny basyp çykan sanawdan **Свойства** buýrugy basaýmaly.

Mazmuna geçmek

## 54.Kompýutere täze şrift goýmak

1. Пуск basmaly, çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, ondan **Панель управления** äpişgäni açmaly, açylan äpişgeden **Шрифты** şeýle belgilmeli:




2. **Файл** menýudan **Установить шрифт** buýrugy saýlamaly.
3. Goýuljak şriftli diskiňi saýlamaly.
4. Goýuljak şriftiňi açmaly.

**Bellik**

- Birbada birnäçe şrift goýuljak bolsa **CTRL** düwmäni basyp duryp, olary saýlamaly.
- TrueType, Adobe Type 1 şriftler ýa-da nokatlaýyn şriftleri **Шрифты** goşmak üçin olaryň papkasyny **Шрифты-**iň üstüne süýräp eltäýmeli.
- Şrifti kompýuter toryndan öz kompýuteriňize goýjak bolsaňyz, siziň gaty diskiňizdäki **Добавление шрифтов** äpişgedäki **Копировать шрифты в папку Fonts** belligi aýryň, ol parametr **Установить шрифт** buýruk bilen TrueType ýa-da nokatlaýyn şriftleri goýmakda mümkindir.

Mazmuna geçmek

## 55.Kompýuterden şriftleri aýyrmak

1. 

basmaly, çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, ondan **Панель управления** äpişgäni açmaly, **Шрифты** belgijigini iki sapar basyp, **Шрифты** papkasyny açmaly.
2. Aýryljak şriftiň belgijigini garalamaly.
3. **Файл** menýudan **Удалить** buýrugy basyp aýyrmaly.

Mazmuna geçmek

## 56.Kompýutere goýulan şriftleri görmek

1. 

basmaly, çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, ondan **Панель управления** äpişgäni açmaly, **Шрифты** belgijigini iki sapar basyp, **Шрифты** papkasyny açmaly.
2. Şrifti görjek bolsaň, onuň belgisine baryp ony açmaly.

Mazmuna geçmek

## 57.Şriftiň nusgalaryny çap etmek

1. 

basmaly, çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, ondan **Панель управления** äpişgäni açmaly, **Шрифты** belgijigini iki sapar basyp, **Шрифты** papkasyny açmaly.
2. Şriftiň nusgalary bar äpişgedäki **Печать** ýazgyny basmaly.

Mazmuna geçmek

## 58.Meňzeş şriftleriň gözlegi

1. 

basmaly, çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, ondan **Панель управления** äpişgäni açmaly, **Шрифты** belgijigini iki sapar basyp, **Шрифты** papkasyny açmaly.
2. **Вид** menýudan **Группировать схожие шрифты** buýrugy saýlamaly.
3. **Группировать шрифты по схожести со шрифтом** sanawdaky meýdandan şrifti saýlamaly.

Şriftleriň toparlary saýlanan sanawy şriftleriň meňzeşliginiň nyşanyna görä üç topara bölünýär.

Mazmuna geçmek

## 59.Kompýuteriň klawiaturasynyň düwmesini basandaky kabul edijiliginiň tizligini üýtgetmek

1. **Свойства: Клавиатура** gepleşik äpişgesini açmaly:




2. **Скорость** ýazylan ýerde degişli üýtgeşme girizmeli.

- **Задержка перед началом повтора символа** girip, onuň dilini süýşürmek bilen düwmäni basmakda kabul edilişik düzlenýär.
- Ikilenç düwmäni basyp duranýňdaky tizligi düzlemek **Скорость повтора** dilini süýşürmek bilen amal edilýär

**Bellik**

- **Свойства: Клавиатура** äpişgäni 

girip, çykan sanawdan **Настройка** geçip, **Панель управления** äpişgäni açyp **Клавиатура** belgijigini açyp hem girip bolar.

Mazmuna geçmek

## 60.Kompýuterde köp dillerde ýazgy ýazýan kömegiň goýulyşy

1. **Установка и удаление программ** äpişgede **Установка Windows** äpişgäni açmaly onuň görnüşi şeýledir:




2. ☐ Многоязыковая поддержка saýlamaly we aşakdaky **Состав** ýazgyny basmaly.

3. Gerek dilleriň we dil toparlarynyň hemmesinde bellik bolsun.

4. **OK** basmaly, ýene-de täzeden **OK** basmaly.

5. Ähli edilen üýtgeşmeler kompýuterde, kompýuter täzeden işe goýbereniňden soň peýda bolar.

**Bellik**

- **Windows** köp dillerde resminamalar döredýär, **merkezi** we **gündogar Ýewropa** we **Baltkýaka** hem-de **grek** we **türk** dillerinde, şol sanda **türkmen dilinde** resminamalary döretjek bolsaň köp dilli kömek hökmandyr, onuň üçin **Türkmen diliniň** harplary **Microsoft** firmasy tarapyndan ol ýerde goýulmalydyr.

Mazmuna geçmek

## 61.Goýulan diliň harplarynyň klawiaturadaky ýerleşişini çalyşmak

1. **Свойства: Клавиатура** äpişgedäki **Язык** äpişgä girmeli:




2. Diller getirilen sanawdan, geregiňi saýlamaly we **Свойства** ýazgyny basmaly.

3. Dilden dile geçmegiň usulyny görkezmeli we **OK** basmaly .

**Bellik**

- **Свойства: Клавиатура** äpişgedäki **Язык** äpişgä 

, ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Клавиатура** begisini basyp **Язык** äpişgä geçip bolar.

Mazmuna geçmek

## 62.Goşmaça dili goýmak ýa-da klawiaturada harplary ýerleşdirmek

1. **Свойства: Клавиатура** äpişgä girip ýokarky **Язык** äpişgä geçmeli




2. **Добавить** ýazgyny basmaly.

3. **Добавление языка** äpişgede gereklisini saýlamaly we **OK** basmaly.

**Bellik**

- **Свойства: Клавиатура** äpişgedäki **Язык** äpişgä  ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Клавиатура** begisini

  basyp **Язык** geçip bolar.

- Eger **Язык** äpişgede **Отображать индикатор языка на панели задач**-diýen ýerde bellik goýulan bolsa meseleler panelinde goýulan dilleri görkezýän indikator goýulýar, oňa basyp çykan sanawdan klawiaturany şol dile geçirip bolar.

Mazmuna geçmek

### 63.Kompýuterden dili ýa-da klawiaturada harplaryň ýerleşdirilişini aýyrmak

1. **Свойства: Клавиатура** äpişgä girip ýokarky **Язык** äpişgä geçmeli, onuň äpişgesi ýokarda getirilendir.
2. Çykan sanawdan aýrylmaly dili we harplaryň ýerleşişini saýlamaly hem-de **Удалить basmaly**.

**Bellik**

- **Свойства: Клавиатура** äpişgedäki **Язык** äpişgä  ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Клавиатура** begisini basyp **Язык** geçip bolar.

Mazmuna geçmek

### 64.Syçanyň düwmeleriniň ýerleşişini üýtgetmek

1. **Свойства: Мышь** äpişgäni açmaly, onuň görnüşi şeýledir:




2. Saglakaýlar üçin **Для правши(Right Button)** ýa-da çepekeýler üçin **Для левши(Left Button)** saýlamaly.

**Bellik**

- **Свойства: Мышь** äpişgä   basyp ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Мышь** begisini basyp geçip bolar.

Mazmuna geçmek

## 65.Syçany iki sapar basaňdaky tizligiň üýtgedilişi

1. **Свойства: Мышь** äpişgä girmeli.
2. **Скорость двойного нажатия** topardaky düzleýiş dili süýremeli.

**Bellik**

- **Свойства: Мышь** äpişgä   basyp ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Мышь** begisini basyp geçip bolar.
- Goýulan tizligi barlamak üçin surata iki sapar basyp amal etmeli.

Mazmuna geçmek

## 66.Syçanyň peýkamyň hereket ediş tizligini üýtgetmek

1. **Свойства: Мышь** äpişgä girmeli.

2. **Перемещение** äpişgä geçmeli.

3. **Скорость перемещения указателя** bölekdäki topardan peýkamy düzgünleşdirýän dili gerek ýeriňe çekip süýşürmeli:




**Bellik**

- **Свойства: Мышь** äpişgedäki **Перемещение** äpişgä 

basyp ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Мышь** begisini basmaly, çykan äpişgeden **Перемещение** äpişgä geçmeli.

- Peýkamyň ekrandaky hereketiniň tizligi ulanyjynyň ony kabul edijiligine bagly.

[Mazmuna geçmek]

### 67.Syçanyň peýkamynyň görnüşini üýtgetmek

1. **Свойства: Мышь** äpişgäni açmaly.

2. Açylan äpişgeden **Указатели** äpişgäni açmaly, onuň görnüşi:




3.Ähli görkezijileriň görnüşlerini üýtgetmek üçin ýokarky **Схема** toparyna girip başga shemany saýlap almaly.

4.Diňe bir görnüşi üýtgetjek bolsaň, ony saýlamaly, soňra **Обзор** basmaly, peýkamyň görnüşi bolan faýly açmaly.

**Bellik**

- **Свойства: Мышь** äpişgedäki **Указатели** äpişgä 

basyp, ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Мышь** begisini basmaly, çykan äpişgeden **Указатели** äpişgä geçmeli.

- **WINDOWS** kompýutere goýulanda peýkamyň görnüşleriniň adatça bolmalylary goýulýar.
- Kompýuteri ulanyjy peýkamyň islendik sanlarynyň görnüşlerini üýtgedip biler, peýkamlaryň täze shemasyny **Сохранить как** ýazgysyny basyp ýatda saklamaly.

Eger peýkamlaryň görnüşiniň shemasyny aýyrmak üçin onuň görnüşlerini **Схема** -daky sanawdan saýlamaly, ondan soňra **Удалить** basmaly. Peýkamyň görnüşleri şulardyr:

| Görnüşi | Amal edýän işi |
|---|---|
|  | Esasy iş düzgüni, onuň bilen belgilenýär, basylýar. |
|  | Maksatnamadan iş boýunça anyklama alynýar. |
|  | Düşek düzgüni, onda maksatnama ýüklenýär. |
|  | Kompýuter elýetmez ýagdaýda durýar. |
|  | Gragik goýmak üçin ýer bölünip alynýar. |
|  | Yazgy bölünip alynýar, ýazgyda hereket. |
|  | Golýazma görnüşde maglumat girizmek. |
|  | Ediljek amal mümkin däldir. |
|  | Möçberleri dikligine üýtgetmek |
|  | Möçberleri keseligine üýtgetmek |
|  | Möçberleri sagdan ýokarky, çepden aşaky burç boýunça üýtgetmek. |
|  | Möçberleri sagdan aşaky, çepden ýokarky burç boýunça üýtgetmek. |
|  | Şekilleriň, grafikleriň ýerini üýtgetmek. |
|  | Ýörite belgilemek. |
|  | Salgylanmanyň saýlanylyşy. |

Mazmuna geçmek

## 68.Maksatnamalar amal edilendäki işlerde ses signallaryny bermek

1. **Свойства: Звук** äpişgäni açmaly, onuň äpişgesiniň görnüşi şeýledir




2. **События** sanawdan haýsy iş bolanda ses signaly niýetlenilen bolsa, ony saýlamaly.

3. **Файл** meýdançadan iş bolanda ýüze çykmaly ses bolar ýaly, ol sesiň ses ýazgyly faýlyny saýlap almaly.

Eger ses ýazgyly gerek faýlyň sanawda ýok bolsa **Обзор** basyp saýlap almaly

**Bellik**

**1.Свойства: Звук** äpişgä 

basyp ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Звук** begisini basyp hem ony açyp bolar.

2.Windows goýulanda hem käbir sesleri diske nusgalanýar.

3.Ol ýa-da beýleki ses ýazgysyny diňlemek üçin onuň adyny sanawdan saýlamaly we ýazgyny basmaly, ýene bassaň ses eşitmeklik kesiler.

4.Sesiň parametrlerini düzläniňizden soňra ony ýat-da saklamak üçin **Сохранить как** basyp shemanyň adyny girizmeli, görkezilen at **Схемы** sanawada peýda bolar.

Mazmuna geçmek

## 69.Kompýutrden çykýan sesiň derejesini düzlemek

1. **Свойства: Мультимедиа** äpişgäni açmaly, ondan **Аудио** äpişgä geçmeli




**Воспроизведение** topardaky **Динамик** belgini ýa-da  belgini bassaň **Громкость** äpişge çykar, ondaky degişli gurallyň dilini aşak-ýokary süýşürmek bilen sesiň derejesini goýup bolar.

**Bellik**

- **Свойства: Мультимедиа** äpişgedäki **Аудио** äpişgä   basyp ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Мультимедиа** begisini basyp hem oňa baryp bolar.

- Eger WINDOWS-da sesi maksatnamalaýyn dolandyrmak goýulan bolsa hem-de äpişgede   -şeýle bellik edilen bolsa, sesiň dinamigi wagtyň ýanynda ýüze çykar, ony basyp çykan äpişgedenem **sesiň derejesini** çykan dili aşak-ýokary çekip düzgünleşdirip bolar.

Mazmuna geçmek

## 70.Ykjam-diski sanly çykyşy bilen gurluşa çykarmak

1. **Свойства: Мультимедиа** äpişgeden **Музыкальный компакт-диск** äpişgä geçmeli.

2. Ykjam-diski sanly çykyşy bilen gurluşda aýtdyrmak üçin, mysal üçin **USB** dinamikde **Использовать цифровой выход** diýen ýerde bellik etmeli.

**Bellik**

- **Свойства: Мультимедиа** äpişgedäki **Музыкальный компакт-диск** äpişgä   basyp ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель**

**управления** äpişgäni açmaly, ondan **Мультимедиа** begisini, soňra **Музыкальный компакт-диск** basyp hem oňa baryp bolar.

Mazmuna geçmek

## 71.Wideoklipler görülende äpişgäniň möçberini üýtgetmek

1. **Свойства: Мультимедиа** äpişgeden, **Видео** äpişgäni açmaly.

2. **В окне** ýazgydan parametrleri saýlap almaly, çykan sanawdan äpişgede boljak wideonyň möçberini saýlamaly:




Tutuş ekrany saýlajak bolsaň şeýle 

bellik etmeli.

**Bellik**

- **Свойства: Мультимедиа** äpişgedäki **Видео** äpişgä 

basyp ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Мультимедиа** begisini,soňra **Видео** basyp hem oňa baryp bolar.

- Iň gowy şekillendiriş **В окне** äpişgejikdäki parametrlerden **Исходный размер** bolanda bolýar.

Mazmuna geçmek

## 72.Her bir ulanyja kompýuterde öz WINDOWS-yňy döretmek

1. **Свойства: Пароли** äpişgä girmeli.

2. **Профили пользователей** äpişgä geçmeli.

3. **Каждый пользователь устанавливает личные настройки** ýazgynyň ýanynda bellik edilen bolmaly.

**Bellik**

**Свойства: Пароли** äpişgedäki **Профили пользователей** äpişgä 

basyp ondan çykan sanawdan **Настройка** geçmeli, soňra **Панель управления** äpişgäni açmaly, ondan **Пароли** begisini basyp, soňra **Профили пользователей** baryp bolar.

Mazmuna geçmek

## 73.WINDOWS-da ulanyjynyň işini(kompýuterde işlemegi) tamamlamak

- 

basmaly çykan sanawdan **Завершение сеанса** ýazgyny basmaly çykan äpişgeden




**Да** ýazgyny basmaly ýa-da kompýuteri tokdan öçürjek bolsaň şu çykan äpişgeden




**OK** basmaly.

Bellik: 

ýazga ⊞,↑ düwmeleri basyp hem baryp bolar.

Mazmuna geçmek

## 74.WINDOWS-da klawiaturanyň umumy düwmeleriniň utgaşdyrylyşy

| Ediljek işler | Basylmaly düwmeler |
|---|---|
| Maksatnamanyň menýu setrini işjeňleşdirmek | **F10** |
| Menýuda buýrugy amal etmek | **ALT +buýrukda belgilenen harp** |
| Maksatnamada MDI ulanylanda äpişgäni ýapmak | **CTRL + F4** |
| Işlenýän äpişgäni ýapmak ýa-da maksatnamadan çykmak | **ALT + F4** |
| Belgilenen ýeri nusgalamak | **CTRL + C** |
| Belgilenen ýeri kesip almak | **CTRL + X** |
| Belgilenen ýeri aýyrmak | **DELETE** |
| Edilýän amal boýunça anyklama | **F1** |
| Äpişgede menýu äpişgäni açmak | **ALT + boş ýer** |
| Bölünen element üçin kontekst menýu açmak | **SHIFT + F10** |

| | |
|---|---|
| Пуск menýuwy açmak | **CTRL + ESC** |
| Köpäpişgeli maksatnamada äpişge menýuwy açmak | **ALT + DEFIS (-)** |
| Ýatdakyny- niýetlenen ýere goýmak | **CTRL + V** |
| Öňki äpişgä geçmek ýa-da ALT basyp durup Tab basyp başga äpişgelere geçmek | **ALT + TAB** |
| Amalyňdan yzyňa gaýtmak | **CTRL + Z** |

Mazmuna geçmek

## 75.Iş äpişgeleri üçin WINDOWS-da düwmeleriň utgaşdyrylyşy

| Ediljek işler | Basylmaly düwmeler |
|---|---|
| Edilýän işi aýyrmak | ESC |
| Parametri saýlamak , düwme basmak | Boş ýer düwmwsi |
| Buýruklary saýlamak | **ALT+buýrukda belgilenen harp** |
| Belgilenen düwmäni basmak | ENTER |
| Parametr boýunça yza geçmek | SHIFT + TAB |
| Äpişgeler boça yza geçmek | CTRL + SHIFT + TAB |
| Parametr boýunça öňe geçmek | TAB |
| Äpişgeler boça öňe geçmek | CTRL + TAB |
| **Сохранить как** ýa-da **Открыть** äpişgede açylan papkalar boýunça bir dereje ýokary | BACKSPACE |
| **Сохранить как** ýa-da **Открыть** äpişgede **сохранения** ýa-da **поиска** äpişgäni açmak | F4 |
| **Сохранить как** ýa-da **Открыть** äpişgäni täzelemek | F5 |

Mazmuna geçmek

## 76.Iş stoly, "Мой компьютер" Windows- проводник üçin klawiaturanyň düwmeleriniň utgaşdyrylyşy

Bölünip alnan bölekler bilen işlemek üçin aşakdaky düwmeleriň utgaşdyrylyşy ualnylýar:

| Ediljek işler | Basylmaly düwmeler |
|---|---|
| Kompakt-disk goýulanda awtomatiki işlenip başlanmagyny aradan aýyrmak | Kompakt-disk goýulanda SHIFT basyp durmaly |
| Faýly nusgalamak | Faýl sürelende CTRL basyp durmaly |

| | |
|---|---|
| Ýanýoldaş(ýarlyk) döretmek | Sürelenda CTRL + SHIFT basyp durmaly |
| Sebede ýerleşdirmezden belgilenen bölegi ýok etmek | SHIFT + DELETE |
| **Найти: Все файлы** äpişgäni açmak | F3 |
| Belgilenen bölek üçin menýu çagyrmak |  belgili düwme |
| Äpişgäniň mazmunyny täzelemek | F5 |
| Belgilenen bölege at bermek | F2 |
| Tutuş faýly belgilemek | CTRL + A |
| Belgilenen bölegiň häsiýetiniň äpişgesini açmak | ALT + ENTER ýa-da ALT +peýkamy iki sapar basmaly |

Mazmuna geçmek

### 77."Мой компьютер" we Windows- проводник äpişgeleri üçin klawiaturanyň düwmeleriniň utgaşdyrylyşy

| Ediljek işler | Basylmaly düwmeler |
|---|---|
| Saýlan papkaňy we ähli esasy papkalaryňy ýapmak | SHIFT basyp durup **Мой компьютер** äpişgedäki **Закрыть** basmaly |
| Öňki äpişgä dolanmak | ALT + ← |
| Öň açan äpişgäňe geçmek | ALT + → |
| Bir dereje ýokardaky papka seretmek | BACKSPACE |

Mazmuna geçmek

### 78.Windows- проводник äpişgesi üçin klawiaturanyň düwmeleriniň utgaşdyrylyşy

| Ediljek işler | Basylmaly düwmeler |
|---|---|
| Açylan elemen ulaldylan bolsa ýygnamak ýa-da esaasy papkany belgilemek | ← |
| Belgilenen papkany ýygnamak | NUM LOCK+MINUS |
| Belgilenen element ýygnalan bolsa ulaltmak ýa-da ikinji derejeli papkany belgilemek | → |
| Belgilenen elementdäki ähli papkalary açmak | NUM LOCK + * |
| Belgilenen papkany açmak | NUM LOCK + PLYUS |

| | |
|---|---|
| | (+) |
| Äpişgäniň çep we sag böleginiň arasyna geçmek | F6 |

Mazmuna geçmek

## 79. -WINDOWS düwmesiniň, klawiaturanyň beýleki düwmeleri bilen utgaşyşy

Microsoft klawiaturaňyz bar bolsa ýa-da klawiaturadaky şeýle belgili -Windows düwme bar bolsa, onda şol düwme bilen beýleki düwmeleriň utgaşmasyny şeýle işler üçin peýdalanyp bolar.

| Ediljek işler | Basylmaly düwmeler |
|---|---|
| Meseleler panelindäki belgijiklere yzly-yzyna geçmek | + TAB |
| **Найти: Все файлы** äpişgäni açmak | + F |
| **Найти: Компьютер** äpişgäni açmak | CTRL + + F |
| Anyklamany çykarmak | + F1 |
| **Запуск программы** äpişgäni açmak | + R |
| **Пуск** menýuwy açmak | |
| **Свойства: Система** äpişgäni açmak | + BREAK |
| **Windows** проводник äpişgäni açmak | + E |
| Ähli äpişgeleri dikeltmek ýa-da ýygnamak | + D |
| Ähli äpişgeleri ýygnamagy duruzmak | SHIFT + + M |

Mazmuna geçmek

## 80.WINDOWS-da adaty standart oýunlary oýnamak

1. Пуск basyp çykan sanawdan **Программы** geçmeli, soňra **Стандартные** geçmeli, ondan soňra **Игры** geçmeli.

Oýny saýlamaly, oýnyň düzgünini öwrenip oýnap başlamaly.

**Bellik**

- Oýun oýnamagyň düzüni baradaky maglumatlary, oýun üçin çykan äpişgedäki **Справка** girip alyp bolar.
- Eger oýun ýok bolsa ol aýrylandyr, ýogsamam WINDOWS goýulanda, olar goýulan däldir.

Mazmuna geçmek

## 81.Kodak Imaging maksatnamany peýdalanmak

**KODAK IMAGING** bu maksatnama grafiki resminamalar, fakslar, skanerde girizilen şekiller bilen baglanyşykly işläp taýýarlanyşy, tertipleşdirmäge we seretmäge niýetlenilendir.

**Bellik**

- **KODAK IMAGING** maksatnamany Пуск basyp**,** çykan sanawdan **Программы** basmaly, çykan sanawdan **Стандартные** geçmeli, çykan sanawdan **Imaging** açmaly.

Mazmuna geçmek

## 82.WINDOWS-yň Paint grafiki ýazgy redaktorynda işlemek

WINDOWS-yň **Paint** grafik redaktory surat, şekil çekmek we çyzgy çyzmak, şeýle hem her dürli arhitekrura şekilllerini döretmek üçin iň bir ygtybarly serişdedir. **Paint** gragiki redaktory bilen şekilleri, suratlary döredip, üýtgedip we seredip bolýar, onuň bilen döreden şekiliňi, suratyňy islendik beýleki maksatnamalar bilen döredilen resminamalara goýup bolar, şeýle hem ol şekilleri iş stolynyň düşegi hökmünde peýdalanyp bolar. **Paint** skaner bilen girizilen şekilleri, suratlary üýtgetmek we düzlemek işinde hem ulanylýar.

**Paint** grafik redaktoryna girip işlemek üçin kompýuteriň iş stolyndaky Пуск ýazgyynyň üstüne syçanyň peýkamyny eltip onuň çep gulagyny bassaň çykan sanawdan Программы -diýen ýazgynyň üstüne peýkamy eltip bassaň onuň sagynda çykan sanawdan Стандартные - diýen ýazgynyň üstüne peýkamy eltip bassaň Paint -diýen ýazgy çykar onuň üstüne ýa-da onuň çepindäki şekiljigiň üstüne peýkamy eltip bassak **Paint** grafik ýazgy redaktorynyň iş ýeri kompýuteriň ekranyna geler, onuň ekrandaky görnüşi aşakdaky ýalydyr




Bu ýerde iş ekranynyň iň ýokarysyndaky Безымянный - Paint -ýazgy çekiljek şekiliň elektron ýazgydaky-diskdäki adydyr, Файл Правка Вид Рисунок Палитра Справка -setir ýazgy işleri amal etmek üçin **baş menýudyr**, onuň her bir ýazgysynyň üstüne peýkamy eltip bassaň özüne degişli amallaryň sanawy çykar, çep tarapdaky şu belgilemeleriň her biri iş gurallarydyr- , iň aşakdaky  -şu reňkleriň görnüşleri bilen bolsa çyzjak çyzgylaryň çyzyklaryny we ol şekilleriň içini ol reňkler bilen bezäp bolýar.

Baş menýuwyň Файл ýazgysy bilen **Paint** grafik ýazgy redaktorynda döredilmeli we döredilen şekilleriň üstünde amal edip bolar. Файл-ýazga syçanyň peýkamyny eltip bassak, onda onuň aşagynda birgiden sanaw çykar, ol sanawlaryň mal edýän işleri şulardyr:

- Создать Ctrl+N-setiri bassaň paýntda faýl-iş etmek üçin at bermegi sorar wer täze iş ekrany açylar;
- Открыть... Ctrl+O -ýazgyny açsaň onda kompýuterde öň **Paint** -da ýazylan faýly açyp işlemegi üpin edýär;
- Сохранить Ctrl+S-setir bolsa, **Paint** -da işlenilýän faýly kompýuteriň ýadynda saklamagy üpün edýär;
- Сохранить как...-ýazgy bolsa bir kompýuterden başga görnüşli kompýutere ýa-da papka belli bir şertlerde ýat-da saklamagy üpin edýär;
- Предварительный просмотр-ýazga **Paint** -da işleýän pursatyň bassaň onda amal eden şekiliňi adaty ýagdaýda ekranda görüp bilersiň;
- Макет страницы...-bassaň amal edýän şekiliň kagyza çykarmagyň maketini bermegi sorar;
- Печать... Ctrl+P-setiri bassaň taýat eden şekiliňi çapa-printere çykarmak üçin buýrukdyr;

- Отправить...-ýazga peýkamy eltip bassaň çeken şekiliňi nirä ugratjaýny sorar, ol köplenç elektron aragatnaşyga ýa-da kompýuter setine gönükdirilendir;
- Выход Alt+F4-da peýkamy eltip bassaň ýa-da Alt+F4-düwmeleri bassaň amal edýän işiňi tamamlap WINDIWS-a çykmaklygy üpjin eder.

Baş menýudaky Правка-ýazgyny bassak, onuň aşagyndan birgiden sanaw çykar, olar çekilen şekillere üzediş, olara başga şekilleri goşmak, ondan belli bir bölegini aýyrmak işlerini amal edýär:

- Отменить Ctrl+Z-şu setiri bassak, iş edýärkäk ondan öňki islendik amalymyzy iş ýerden aýyrýar, näçe sapar bassak şonça saparam ammallary aýyrýar;
- Повторить F4-seir işjeň bolanda islendik işi gaýtadalap bolar;
- Вырезать Ctrl+X-şu setir gap-gara, işjeň ýagdaýda bolsa onda şekiliň belli bir bölegini kesip aýryp bolar;
- Копировать Ctrl+C-setiri çekilýän şekiliň belli bir bölegini ýa-da tutuş özini gerek sanda nusgalap bolar;
- Вставить Ctrl+V-setiri bassaň kompýuteriň şu -papkasynda bar maglumatlary ol iş meýdanynda goýup bolýar;
- Очистить выделение Del- çyzan ýa-da guran şekiliňden bölüp alan oleginden arassalaýar;
- Выделить все Ctrl+A-setiri bassaň ähli amal eden şekiliň tutuşlygyna bellige alynýar;
- Копировать в файл...-setir şekilden bir bölegi ýa-da tutuş özi bölünip alynanda ony başga bir faýl edip göçürmegi amal edýär, onuň üçin çykan äpişgede ýerini görkezip oňa at bermek ýeterlikdir.
- Вставить из файла...-bu setiri bassaň kompýuteriň ýadyndaky bar bolan faýllardan birini çekýän şekiliňe birleşdirip bolar, onuň üçin oňa öň at berlen bolmaly.

Baş menýudaky Вид-ýazgyny bassak, onuň aşagyndan çykjak ýazgylaryň sanawynyň amallary ayratynlykda aşakdakylardan ybaratdyr:

- ✔ Набор инструментов Ctrl+T-şu belgide ✔-şeýle belgi edilen bolsa onda ýokarda iş ekranynyň çepindäki dik görkezilen gurallar iş wagty şol ýerde hökman bolmalydyrlar, eger ✔-ol bellik bolmasa gurallar ekranda bolmaz;
- ✔ Палитра Ctrl+L-setirdäki ýazgyda ✔-şeýle belgi edilen bolsa onda iş ekranynyň aşaky eteginde şekillere reňk bermek üçin -şu reňkler mydam bolar, bellik edilmedik bolsa bolmaz;
- ✔ Строка состояния-belgi bolsa kursoryň nirede hereket edýänini şeýle bellik ✔ edilen bolsa aşaky etekde onuň koordinatolary görkeziler;
- Панель атрибутов текста - şuny bassaň, ol reňkli işjeň ýagdaýda bolsa şekilde ýazjak ýazgyňyz üçin mümkinçilikler çykýar;
- Масштаб ▸-belgi basylanda, onuň sag tarapyndan çykan sanowdan özüňe ýaraýanyny, ýagny şekilň ölçegini-ulymy kiçimi ýa-da başgarak ölçegini saýlap alyp bolar;
- Просмотреть рисунок Ctrl+F-bassaň çeken şekiliňi zerur ölçegde ekranda görüp bolar;

Baş menýudaky Рисунок-ýazgyny bassak, onuň aşagyndan çykjak ýazgylaryň sanawynyň amallary ayratynlykda aşakdakylardan ybaratdyr:

- Отразить/повернуть... Ctrl+R-iş ekranynda çyzan çyzgymyzy belgilänimizde ony eýläk - beýläk öwürip bolar;
- Растянуть/наклонить... Ctrl+W-bassak çyza çyzgymyzy çekip, gapdala gyşardyp bolar;
- Обратить цвета Ctrl+I -bassak haýsy eri belgilän bolsak reňk berip bolar;
- Атрибуты... Ctrl+E -surat çekmek we käbir çaklendirmeler berip bolar;
- Очистить Ctrl+Shift+N -setiriň işi şekiliň belgilenen bölegini arassalamakdyr;
- ✔ Непрозрачный фон -setirde ✔-belgi goýulan bolsa çyzylýan şekiliň düşegi tapawutlandyrylýar;

Baş menýudaky Палитра-ýazgyny bassak şekil çyzmak üçin zerur reňkleri üýtgetmek bolar.

Baş menýudaky Справка -ýazgyny bassak şekil çyzmak işinde ýuze çykýan düşünmezlikler aradan aýrylýar, düşündirişler rus ýa-da iňlis dillerinde ekranyň ýuzine äpişgede geler.

Indi bolsa **Paint** -yň iş ýeriniň sag tarapynda dik ýerleşen iş gurallarynyň amal edýän işlerine şeredeliň:

-bassaň syçanyň peýkany göni çyzyk çyzýar, onuň ýogynlygyny, ol gurallaryň eteginde ýerleşen şu çyzyklardan birini saýlamak bilen alynýar, reňkini bolsa aşaky etekdäkilerden almaly;

- -bassaň syçanyň peýkamy egri çyzyk çyzar, onuň üçin çyzygyň iki ahyrky aralygyny görkezmeli soňra egri boljak ýerinden çekmeli, degişlilikde ýogynlygy, reňki ýokardaky ýalydyr;
- -bassaň kursor dörtburçlyk çyzar, onuň görnüşini -şu belgilemeden bermeli, reňkini aşaky etekden almaly;
- -belligi bassaň kursor elipisi çyzar, onuň görnüşi we reňki ýokarkylaryň alnyşy ýalydyr;
- -bassaň deişli burçlary bolmadyk dörtburçlygy ekrana çyzyp bolar, onuň çyzygynyň ýogynlygy we çyzygynyň hem-de içiniň reňki aşakdaky etekden alynmalydyr;
- -belgini bassaň köpburçlygyň islendik görnüşüni çyzyp bolar, onuň üçin kursory eltip basan ýeriňden indiki burça çenli süremele ondan soň kursory indiki burç boljak ýere eltip sýçanyň çep gulagyny basmaly, şeýle edip işi dowam etdirmeli, tä talap edilýän şekil alynýança;
- -belgini bassaň kursor reňki pürker, onuň görnüşini aşakdan almaly, kursoryň hereketine görä zolak alynar, syçanyň çep gulagyny bassaň bir reňk, sag gulagyny bassaň başga reňk beresiňiz;
- **A**-ýazgyny bassaň kursory elten ýeriňde hat ýazmak üçin ined ördül meýdança çykar we kursoryň duran ýerinden ýazgy ýazyp başlasa bolar;
- -bu belgi galamdyr, onda kursor galama öwrülýär we islendik ýazgy hem-de şekil döredip, surat çyzyp bolar;
- -belgini basyp galam bilen çyzandan ýogyn çyzgy çyzyp bolar;

-belgini bassaň reňkleri saýlamak işi amal edilýär;

- -belgini basmak bilen çekiljek suratyň ýa-da şekiliň möçberi-ölçegi berilýär, ol ulaldylýar;

- -belgini basyp kursory elten ýeriňi arassalaýar;
- -bassaň şekilde görkezen ýeriňi görkezen reňkiňden doldyrýar;
- -belgini bassaň kursory elten ýeriňden başlap şekilden gönüburçly ýeri bölüp aýyrýar;
- -belgini bassaň kursory şekile eltip basan ýeriňden başlap görkezen islendik möçberiňi bölüp alýar.

Mazmuna geçmek

## 83.WordPad ýazgy redaktoryny peýdalanmak

**WordPad** ýazgy redaktory uly bolmadyk **resminamalar** bilen işlemek üçin niýetlenilendir, onuň bilen her hili şriftler we ýazylyşyň görnüşlerini ulanmak bilen resminamalara çäk berip bolýar. **WordPad** ýazgy redaktoryň iş ekranynyň görnüşi şeýledir:




**Bellik**

- **WordPad** ýazgy redaktoryna Пуск basyp, ondan çykan sanawdan **Программы** geçip, ondan soňra **Стандартные** baryp hem **WordPad** -e girip işläp bolar.

Mazmuna geçmek

## 84. Блокнот ýazgy redaktoryndan peýdalanmak

Блокнот ýazgy redaktory 64 kilobaýtdan uly bolmadyk we çäk bermek işleri talap etmeýän ýönekeý ýazgylary döretmek we

redaktirlemek üçin niýetlenilendir, ol mukdardan uly bolsa **WordPad** ulanylmalydyr. Блокнот ýazgy redaktorynyň ekranda iş ýagdaýdaky görnüşi




**Bellik**

- Блокнот ýazgy redaktoryna **Пуск** basyp, ondan çykan sanawdan **Программы** geçip, ondan soňra **Стандартные** baryp hem Блокнот -e girip işläp bolar.

Mazmuna geçmek

## 85.WINDOWS-da kalkulýatordan peýdalanmak

Калькулятор belgili kalkulýator maksatnamasy bilen iki görnüşde hasap-hesip işini amal edip bolar: ýönekeý hasaplar üçin **adaty** düzgünde, çylşyrymly inžener hasaplar üçin **inžener** görnüşlerini ulanyp bolar. **Adaty** düzgündäki kalkulýatoryň ekrandaky görnüşi




**Ýönekeý hasaplar ýerine ýetirilişi:** 1.Birinji sany girizmeli. 2.+(goşmak), -(aýyrmak),*(köpeltmek),/(bölmek) amalardan geregiňi basmaly. 3.Indiki sany girizmeli. 4.Galan amallary we sanlary girizmeli. 5.Iň soňundan = basmaly.

**Kalkulýatoryň ýadyndan peýdalanmak:** Äpişgejikdäki sany **MS** basyp ýada geçirmeli şonda onuň ýokarsynda **M** harp peýda bolar, ol ýatda san bar diýildigidir.Her bir bir täzeden girizilen san öňki sany ýatdaky sany täzeleýär. Ýatdan sany kalkulýatoryň äpişgesine **MR** basyp çagyrmaly. Ýady **MC** basyp arassalap bolar. Äpişgedäki sany ýatdaky sana goşjak bolsaň **M+** düwmäni basmaly, netijäni äpişgä **MR** basyp çykaryp bolar.

Kalkulýatoryň äpişgesine başga maksatnamalardaky sany Копировать Ctrl+C edip, kalkulýatordaky Вид menýudan Вставить Ctrl+V basyp ýazyp bolar, äpişgedäki sany hem şu menýdaky Копировать Ctrl+C edip maksatnamadaky resminama-faýla basyp goýup bolar.

**Inžener** düzgünde işleýän kalkulýatoryň iş ekranynyň görnüşi şeýledir



**Bellik**

- Калькулятор ýazgy redaktoryna Пуск basyp, ondan çykan sanawdan **Программы** geçip, ondan soňra **Стандартные** baryp hem Калькулятор -e girip işläp bolar.

Mazmuna geçmek

## 86.WINDOWS-da portfeli ulanmak

**Портфель** şol bir resminamalaryň birnäçe nusgalar bilen her hili kompýuterde işlenilende gerekdir, ol adaty kompýuter bilen elde göterilýän kompýuterdäki nusgalary ylalaşyklylygyny amal edýär. Onda işlemegiň gözükdirmesi 4 bölekden ybaratdyr




1.Gerek faýlyňy **Портфель** süýräp eltmeli.

2.**Портфель** elde göterilýän kompýutere ýa-da çeýe diske geçirmeli.

3.Bu ýerde deslapky faýly we **Портфель** bar bolan faýly üýtgedip bolar.

4.Iki faýly deň bolan ýagdaýyna getirmek üçin **Портфель**-däki menýudan "Обновить все" buýrugy amal etmeli.

Mazmuna geçmek

## 87.Arhiw etmek kompýuter maksatnamasynda işlemek

